# TÜRKMENISTANYŇ DURNUKLY DURMUŞ-YKDYSADY ÖSÜŞI

**Annasoltan BERDIÝEWA,**
*Türkmen döwlet ykdysadyýet we dolandyryş institutynyň uly mugallymy, ykdysady ylymlaryň kandidaty*

**Gysgsça beýan**

*Türkmenistan döwletimizde alnyp barylýan ykdysady syýasat ýurdumyzy innowasiýa tehnologiýalaryna esaslanýan, senagat taýdan ösen döwlete öwürmäge we onuň mundan beýläk hem dünýä hojalyk gatnaşyklarynyň häzirki zaman ulgamyna sazlaşykly goşulmagyna gönükdirilendir. Öňde goýlan maksada ýetmek üçin hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň baştutanlygynda çuňňur oýlanyşykly hem-de ylmy taýdan esaslandyrylan strategiýasynyň durmuşa geçirilmegi diňe bir durnukly we yzygiderli ösüşi üpjün etmek bilen çäklenmän, eýsem, ykdysady ýagdaýyň üýtgemegine uýgunlaşmagy hem üpjün etdi.*

**Esasy sözler:** innowasiýa tehnologiýalary, ylmyň statistikasy, innowasiýanyň statistikasy, makroykdysady syýasat, diwersifikasiýa, durnukly ösüş, innowasion iş, innowasion ykdysadyýet, jemi içerki önüm, jemi milli önüm, iş bilen üpjünçilik, hümmetsizlenme, zähmet öndürijiligi, denominasiýa.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň baştutanlygynda Türkmenistan döwletimizde alnyp barylýan ykdysady syýasat ýurdumyzy innowasiýa tehnologiýalaryna esaslanýan, senagat taýdan ösen döwlete öwürmäge we onuň mundan beýläk hem dünýä hojalyk gatnaşyklarynyň häzirki zaman ulgamyna sazlaşykly goşulmagyna gönükdirilendir. Öňde goýlan maksada ýetmek üçin innowasiýalaryň dürli klassifikatorlaryny, innowasiýalaryň statistikasy boýunça halkara tejribesini öwrenmek hem-de mikro we makroderejeler üçin görkezijileri kesgitlemek zerur bolup durýar. Ylmyň we innowasiýanyň statistikasy ylmy-tehniki we innowasion işiň pudagynda olaryň hil tarapynyň üznüksizligi bilen baglylykda köpçülikleýin hadysalaryň mukdar tarapyny öwrenýär. Bu hadysalara täze tehnikany we tehnologiýany işläp taýýarlamak, olary önümçilige ornaşdyrmak we täze görnüşde ýa-da kämilleşen görnüşde önümleriň we olaryň önümçilik hadysasynyň hem-de usulynyň netijesini almak degişli bolup durýar. Innowasiýa ýa-da täzeligi ornaşdyrmak innowasion işiň netijesi bolup durýar.

Milli ykdysadyýetimizi ösdürmekde gazanylan ýokary görkezijiler Gahryman Arkadagymyz tarapyndan öňe sürlen öňdengörüjilikli maýa goýum syýasatynyň barha rowaçlanýandygynyň netijesidir. Ýurdumyzda durmuş taýdan nazarlandyrylan ykdysadyýetiň berk maddy binýady tutulýar. Munuň üçin maýa goýumlaryň uly bölegi önümçilik däl pudaklara gönükdirildi we onuň netijesinde öňdebaryjy standartlara laýyk gelýän durmuş infrastrukturasynyň desgalarynyň müňlerçesi gurlup ulanylmaga berildi.

Türkmenistanda alnyp barylýan oýlanyşykly makroykdysady syýasatyň netijesinde ykdysady ösüşiň görkezijileriniň arasynda iň esasylarynyň biri bolan, ýurduň jemi içerki önüminiň oňyn ösüşi bellenilýär. Ýurduň ykdysadyýetiniň makroykdysady görkezijilerini bellenen sepgitlere ýetirmek, ýurtdaky ähli edara-kärhanalaryň, guramalaryň tagallasy netijesinde amala aşyrylýar. Çünki her bir edara-kärhananyň maliýe-ykdysady işiniň netijesi ýa-da ýurduň medeni, jemgyýetçilik-syýasy edaralarynyň umumy ösüşe täsir edýän işleri döwletiň ykdysady ösüşine öz goşandyny goşýar. Şonuň üçin ykdysadyýetiň ähli pudaklarynda ýokary ösüş gazanmakda täze önümçilik kuwwatlyklaryny işe girizmek, işleýän kärhanalaryň durkuny täzelemek, olary döwrebaplaşdyrmak we täzeden enjamlaşdyrmak işlerine aýratyn ähmiýet berilýär.

Türkmenistanyň Prezidentiniň Kararyna laýyklykda milli ykdysadyýeti diwersifikasiýa ýoly bilen ösdürmek, milli ykdysadyýete sanly ulgamy ornaşdyrmak boýunça öňdebaryjy döwletleriň derejesine çykarmak, elektron senagatyny ösdürmek, adamyň aň-bilim maýasyna, işewürlige we maglumat-aragatnaşyk tehnologiýalarynyň soňky gazananlaryna esaslanýan ösen ykdysadyýeti kemala getirmek, in-

nowasion, ýokary tehnologiýaly, bäsdeşlige ukyply sanly ykdysadyýeti ösdürmek maksady bilen «Türkmenistanda 2019-2025-nji ýyllarda sanly ykdysadyýeti ösdürmegiň konsepsiýasy» tassyklanyldy.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň durmuş-ykdysady ösüş ulgamynda takyk, çuňňur oýlanyşykly hem-de ylmy taýdan esaslandyrylan strategiýasynyň durmuşa geçirilmegi diňe bir durnukly we yzygiderli ösüşi üpjün etmek bilen çäklenmän, eýsem, ykdysady ýagdaýyň üýtgemegine uýgunlaşmagy hem üpjün etdi. Ýurdumyzyň durmuş-ykdysady ulgamynda beýleki ählumumy maksatlara ýetilmegi, bir tarapdan, ýurdumyzyň mundan beýläk-de gülläp ösmegini we türkmenistanlylaryň abadançylygynyň ýokarlanmagyny üpjün eder, beýleki tarapdan bolsa, umumadamzat ähmiýetli meseleleri çözmek bilen, bütin dünýäde ösüşe ýardam berer.

Häzirki wagtda Türkmenistan durnukly ösüşi gazanmakda nusga alarlyk derejede işleri durmuşa ornaşdyrýan az sanly ýurtlaryň biri hökmünde tanalýar. Global energiýa müşgilligini çözmekde, ekologiýany gorap saklamakda hormatly Prezidentimiziň BMG-niň Baş Assambleýasynyň mejlislerinde, ekologiýa meselelerine bagyşlanyp geçirilen halkara maslahatlarynda öňe süren teklipleri we başlangyçlary dünýä jemgyýetçiligi tarapyndan giň goldaw tapýar. Şol bir wagtyň özünde, ýurdumyzda durnukly ösüşi gazanmak, tebigy baýlyklary rejeli peýdalanmak, olary geljekki nesillere miras goýmak, daşky gurşawa aýawly çemeleşmek boýunça alnyp barylýan işler dünýä döwletlerine nusga alarlyk bolup çykyş edýär. Bu aýdylanlara ykdysady ösüşiň yzygiderli ýokary derejesiniň gazanylmagy, önümçilige tehnologiýanyň iň soňky gazananlarynyň ornaşdyrylmagy, senagatda ýangyç hökmünde diňe tebigy gazyň ulanylmagy, dünýä standartlaryna laýyk gelýän ýangyçlaryň öndürilmegi, ýerasty şor suwlaryň bir ýere ýygnalmagy, ýurdumyzy bagy-bossana öwürmek baradaky alnyp barylýan işler aýdyň mysal bolup çykyş edýär. Türkmenistan dünýä bileleşiginiň işjeň agzasy, halkara derejesinde ygtybarly hyzmatdaş hökmünde öz ornuny has-da pugtalandyrýar.

Bu ugurdaky işleriň ýurdumyzyň ykdysadyýetiniň ähli ugurlaryny giňişleýin gurşap alandygyny bellemek mümkindir. Ykdysadyýetiň durnukly ösmeginde bank ulgamyna aýratyn orun degişlidir. Şu hem bank ulgamyna, onuň işini kämilleşdirmek we innowasion tehnologiýalary ornaşdyrmagyň esasynda ilata ýokary hil talaplaryna laýyk gelýän täze hyzmatlary hödürlemek ýaly möhüm çäreleri durmuşa geçirmäge ýardam berýär. Bank ulgamyny kämilleşdirmek, maliýe-karz ulgamlarynyň işlerini döwrebaplaşdyrmak, wagtlaýyn ulanylmaýan serişdeleri çekmek, karz serişdelerini bermek, maýa goýumlary maliýeleşdirmek bank amallarynyň we hyzmatlarynyň gerimini giňeltmek babatda ägirt uly işler ýerine ýetirilýär. Bu alnyp barylýan işleri has hem kämilleşdirmek, goýumçylaryň hem-de karz berijileriň bähbitlerini goramak üçin ýurdumyzyň banklarynyň esaslyk maýasynyň artdyrylmagy göz öňünde tutulýar.

Ýurdumyzyň bank edaralary tarapyndan ýerine ýetirilýän amallar we hyzmatlar, öz gezeginde, ykdysadyýetiň döwlete dahylly we dahylsyz pudaklaryny ösdürmäge, halkyň hal-ýagdaýyny ýokarlandyrmaga ýardam berýär. Innowasion tehnologiýalaryň günsaýyn ösýän zamanasynda ýerine ýetirilýän bank amallarynyň we hyzmatlarynyň gerimini giňeltmek, täze görnüşlerini tejribä ornaşdyrmak, hil taýdan kämil derejä çykarmak hem-de bank marketingiň ýörelgelerinden ugur almak bilen, milli bank ulgamynyň öňünde goýulýan wezipeler öz derwaýyslygyny görkezýär. Sebäbi häzirki döwürde “Innowasiýalar”, “Innowasion iş”, “Innowasion ykdysadyýet” adalgalary has giňden ulanylyp, olara dünýä ýüzünde örän uly ähmiýet berilýär. Ösen bazar ykdysadyýetli döwletlerde jemi içerki önümiň 80-95 göterimi täze bilimlere esaslanýan tehnologiýalaryň hasabyna öndürilýär. Şol döwletleriň ykdysady ösüşi işjeň hereket edýän milli innowasion ulgama esaslanýar.

Häzirki wagtda milli ykdysadyýeti sazlaşdyrmakda, esasan, dört sany makrogörkeziji ulanylýar. Olara jemi içerki önüm, jemi içerki önümiň adam başyna düşüşi, iş bilen üpjünçilik, hümmetsizlenme ýaly möhüm makroykdysady görkezijiler degişlidir. Olaryň her haýsysy milli ykdysadyýeti ösdürmekde, onuň ösüşini çaklamakda, halkyň durmuş-medeni ýagdaýyny ýokarlandyrmakda, pudagara gatnaşyklary sazlamakda ähmiýetli orny eýeleýär. Bu görkezijileriň içinde ilkinji ulanylýany jemi içerki önümdir.

Her bir ykdysadyýetiň dünýä hojalygyndaky tutýan orny birmeňzeş däldir. Ýurduň ykdysadyýetiniň ösüş derejesi onuň dünýä hojalygyndaky tutýan ornuny kesgitleýär. Ykdysadyýetiň möçberi jemi önüm bilen kesgitlenilýär. Jemi önüm iki görkezijiden: jemi içerki önümden we jemi milli önümden ybarat. JIÖ–belli bir wagtyň dowamynda öndürilen harytlaryň we hyzmatlaryň ahyrky bahalarynyň jemidir. JMÖ hem şol bir ululyk bolup, oňa jemi önümiň düzümindäki daşary ýurt maýasyna degişli bölegi

goşulmaýar. Ähli ýurtlaryň jemi içerki önümleriniň jemi dünýäniň jemi önümini emele getirýär.

Häzirki wagtda Türkmenistanyň ykdysadyýetiniň ähli ugurlarynda düýpli öňegidişlik gazanyldy. Türkmenistanyň ykdysadyýeti soňky ýyllaryň dowamynda ykdysady ösüşiň görkezijisi boýunça ýeke bir sebitde däl-de, dünýä möçberinde öňdäki döwletleriň hatarynda durýar. Milli ykdysadyýetiň ýyllyk ösüşini häsiýetlendirýän esasy görkeziji bolan jemi içerki önümiň görkezijisi durnukly häsiýete eýedir.

Türkmenistanyň ykdysadyýetiniň ösüşini käbir statistiki maglumatlara salgylanyp, diagrammada görmek bolýar.




**Diagramma. 2022-nji ýylda jemi içerki önümiň ykdysady işleriň görnüşleri boýunça düzümi, %**

Diagrammadan görnüşi ýaly, 2022-nji ýylda ýurdumyzda jemi içerki önümiň düzüminde hyzmatlar ulgamynda, söwdada, senagatda has ýokary netijeleriň gazanylandygyny görmek bolýar.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň baştutanlygynda ýurdumyzyň ykdysady kuwwatyny artdyrmaga, raýatlarymyzyň durmuş goraglylygyny, iş üpjünçiligini we ýaşaýyş-durmuş derejesini gowulandyrmaga, adam maýasyny ösdürmäge gönükdirilen täze, has belent wezipeler durmuşa geçirilýär.

Her ýylda ilatymyzyň girdejilerini artdyrmak, zähmet öndürijiliginiň ösüş depginini zähmet haklarynyň ösüş depgini bilen utgaşdyryp alyp barmak, durmuş ulgamyna gönükdirilýän maýa goýum serişdeleriniň mukdaryny kesgitlenen möçberlerde üpjün etmek meselelerine seredilýär.

Ýurdumyzyň esasy durmuş-ykdysady ösüşiniň görkezijileri adam hakyndaky aladanyň döwlet syýasatynyň ileri tutulýan ugrudygyny tassyklaýar. Bu aýratyn-da, raýatlaryň durmuş goraglylygyny ýokary derejede üpjün edýän ýurt hökmünde Türkmenistan döwletimiziň abraýyny ýokarlandyrýar.

Döwletimiziň ylmy-tehniki ösüşiniň gazananlaryna, täze tehnologiýalara, bilimlere we innowasiýalara daýanyp, ýurdumyzda ylmy, bilimi, medeniýeti ösdürmek babatda baý tejribe toplanyldy. Ylymly-bilimli, giň dünýägaraýyşly sagdyn nesli terbiýelemäge örän uly ähmiýet berilýär. Dünýäniň öňdebaryjy tejribesinden ugur alnyp, ýaş nesliň döwrebap bilim almagy, ylym we döredijilik bilen meşgullanmagy ugrunda giň mümkinçilikler döredilýär. Döwlet Baştutanymyzyň durmuşa geçirýän içeri we daşary syýasatynyň netijesinde bilim, ylym, saglygy goraýyş we sport ulgamlaryny, ykdysadyýetiň ähli pudaklaryny kämilleşdirmek boýunça giň gerimli işler amala aşyrylýar. Ýaş nesilleriň ýokary derejede bilim almaklary, saýlan hünärleriniň eýeleri bolmaklary, watançylygyň hem-de ynsanperwerligiň belent ruhunda terbiýelenmekleri üçin giň mümkinçilikler döredilýär. Sporty we bedenterbiýäni, Olimpiýa hereketini ösdürmek, ussat türgenleri taýýarlamak boýunça işler alnyp barylýar. Umuman, Arkadagly Gahryman Prezidentimiziň baştutanlygynda ýurdumyzda gazanylan syýasy, durmuş-ykdysady, medeni ösüş we geljekde döwletimizi ösdürmekde we halkymyzyň bagtyýar hem-de asuda durmuşda ýaşa-

maklary üçin alnyp barylýan işler döwletli Diýarymyzyň adyny, abraýyny has-da beýgelder.

Türkmenistanyň zähmet bazarynda bolup geçýän prosesleri dolandyrmak döwletiň durmuş-ykdysady syýasatynyň esasy ugry bolup durýar. Hormatly Prezidentimiziň badalga berýän durmuş-ykdysady maksatnamalarynyň esasy maksatlarynyň biri hem, ilatyň iş bilen üpjünçiligini ýokarlandyrmak bolup durýar. Şeýle durmuş-ykdysady maksatnamalaryň çäklerinde gurulýan önümçilik we durmuş ähmiýetli desgalaryň ulanylmaga berilmegi Aşgabat şäherinde we sebitlerde iş bilen üpjünçiligiň gowulanmagyna oňyn täsirini ýetirýär.

Milli ykdysadyýetiň dünýä hojalygyndaky tutýan ornuny has aýdyň açyp görkezýän görkezijileriň biri hökmünde zähmet öndürijiliginiň hasaplanmagyny örän dogry hasaplaýarys. Zähmet öndürijiligi–munuň özi belli bir wagtyň dowamynda öndürilen önümdir. Zähmet öndürijiligi näçe ýokary bolsa, ýurduň ykdysadyýetiniň, onuň DJÖ-däki paýynyň ýokary bolmagyna getirýär. Zähmet öndürijiligini ýokarlandyrmak ylmy-tehniki progrese daýanmak arkaly çözülýär. Häzirki wagtda zähmet öndürijiliginiň ýokary derejesi ylmy-tehniki progresiň durmuşa çalt ornaşýan ýerleri bolan ösen ýurtlarda hasaba alnandyr.

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe durmuşa ornaşdyrylýan örän kämil özgertmeleriň netijesinde ýurdumyzyň jemi içerki önümi örän çalt depginler bilen ösýär. Jemi içerki önümiň çalt artmagy milli ykdysadyýetimiziň dünýä hojalygyndaky paýynyň ýokarlanmagyna getirýär. Şol bir wagtyň özünde hem, jemi içerki önümiň jan başyna düşüşini we jemi milli girdejimiziň yzygiderli ýokarlanmagyny üpjün edýär.

Milli ykdysadyýetimiziň dünýä hojalygyndaky ornuny doly açyp görkezmekde milli manadymyzyň satyn alyjylyk paritetiniň ulanylmagy maksadalaýykdyr. Jemi milli girdejimizi satyn alyjylyk paritet boýunça hasaplasak, onda biziň dünýä hojalygyndaky tutýan ornumyzy öňküsinden hem has ýokarlanar. Häzirki wagtda ýurdumyzda harytlaryň we hyzmatlaryň bahasy elýeterli we durnukly ýagdaýda saklanylýar. Denominirlenen milli manadymyzyň hümmetsizlenmeklige örän durnukly bolup çykmagy bize bahalary kadaly ýagdaýda saklamaga mümkinçilik berýär. Satyn alyjylyk paritetine milli walýutanyň hümmetsizlenmegi örän uly täsir edýär. Hümmetsizlenme gös-göni harytlaryň we hyzmatlaryň bahalarynyň ýokary galmagy bilen baglanyşyklydyr. Milli walýutamyzyň hümmetsizlenme derejesiniň bellenen çäklerde saklanmagy harytlaryň we hyzmatlaryň bahalarynyň bir durkunda saklanmagyny üpjün etdi. Bu bolsa, öz gezeginde, denominirlenen milli manadymyzyň satyn alyjylyk paritetiniň ýokary derejesiniň saklanyp galýandygyny görkezýär.

Sarp ediş sebedine girizilen harytlaryň we hyzmatlaryň hemmesi barada aýratyn durup geçmek mümkin däl. Şonuň üçin olary umumylaşdyryp alalyň. Sarp ediş sebedine girizilen harytlaryň we hyzmatlaryň belli bir bölegi halkyň gündelik sarp edýän harytlary we hyzmatlarydyr. Şeýle hem birnäçe durmuş-medeni maksatly harytlar we hyzmatlar sarp ediş sebedine girizilýär. Olara ulag, aragatnaşyk, bilim, saglygy goraýyş, ýaşaýyş-jaý we bank hyzmatlary degişlidir. Häzirki wagtda halkymyzyň gündelik sarp edýän harytlarynyň we hyzmatlarynyň bahasy örän arzandyr. Mysal üçin, ýodlaşdyrylan duzuň, unuň, tebigy gazyň, elektrik energiýasynyň, agyz suwunyň halka mugta ýakyn berilmegi, bilimi döwletiň öz üstüne tölegsiz almagy, ipoteka karzlarynyň ýyllyk derejesiniň 1 göterime deň bolmagy, saglygy goraýyş, ulag we aragatnaşyk hyzmatlaryň arzan bolmagy ýurdumyzda sarp ediş sebediniň umumy gymmatynyň örän pes bolmagyna getirýär. Şol bir wagtyň özünde, halkymyzyň girdejileri çalt depginler bilen ösmegini dowam etdirýär.

Ýokardaky aýdylanlardan ugur alnanda, milli walýutamyzyň satyn alyjylyk paritetiniň örän ýokarydygyny görmek bolýar. Jemi içerki önümi, jemi içerki önümiň jan başyna düşüşini, jemi milli girdejimizi satyn alyjylyk paritet boýunça hasaplanymyzda, onuň derejesiniň örän ýokary, belki-de, dünýä boýunça iň ýokary görkeziji boljakdygyny görüp bolýar. Milli ykdysadyýetimiziň dünýä hojalygyndaky ornuny doly açyp görkezmek üçin şeýle hasaplamanyň çykarylmagy şu günki gün örän zerurdyr. Şeýle hasaplamanyň çykarylmagy bize hormatly Prezidentimiziň durmuşa ornaşdyrýan özgertmeleri netijesinde milli ykdysadyýetimiziň dünýä hojalygyndaky tutýan paýynyň nähili derejelere ýetendigini öz halkymyza we dünýä jemgyýetçiligine ýene-de bir gezek äşgär etmekde dörän mümkinçilikleriň biri bolar.

**EDEBIÝAT**

1. Türkmenistanyň ýyllyk statistik neşiri, 2023 ý.